# Magtymgula

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Magtymgula MAGTYMGULA

Gezdiñ öz ülkäñi, Hindi, Eýrany,
Dikdiñ nazaryňy alys illere.
Gezdiñ Yrak, Türküstany, Mugany,
Adalat gözlediñ – tapmadyñ zerre.

Ötüripsiñ aý-ýyllary oýlanyp,
Gelmändir garaşan ajap eýýamyñ…
Şol eýýamda, ine, myhman geldim men,
Eý, beýik akyldar, ses ber, sen barmyñ?

Gezdim daglaryňy, çemen, çölüñi,
Güllere gark bolýar juwan Aşgabat.
Haýran etdi derýa, kanallar meni,
Ine, şudur, ajap eýýam, eý, ussat!

Arzuw etdiñ öz iliñe azatlyk –
Şonuñ üçin barýan her dem beýgelip.
Her günde paýlaýar gelene şatlyk
Prospekt ugrundaky heýkeliñ…

Salam saña Azerbaýjan ilinden –
Biziñ her öýmüzde eziz myhman sen,
Şygyrlaryñ gezýär dogan dilinde,
Dünýe gezen iñ bir beýik dessan sen!

Hasan ILSÖÝER,
(Azerbaýjan). Goşgular